# Şorly ýabany (Hekaýa)

Category: Hekaýalar
написано kітарсу | 4 августа, 2025




***Waleriý KAZAKOW***

*Ýazyjy Waleriý Kazakow Belarusuň Mogilýew oblastynyň Gorbowiçi obasynda doguldy. Ýaşlyk döwri harby habarçy bolup gulluk etdi. Häzir Russiýa Federasiýasynyň Ýazyjylar birleşiginiň sekretary. Ol Moskwanyň Edebiýat institutyny tamamlady. «Ses pelsepesi», «Gara ýoldaky kölegeler», «Gara pişik», «Gobliniň kölegesi», «Ukusyzlyk düýşi» we başga-da ençeme kitaplaryň awtory.*

Şäher özüniň gatap galan körjümek gijedir gündizleri, demir bölekleriniň dözümsiz takyr-tukurlary bilen ýeňsede galdy. Ýöne owadan dag eteklerinde, göýä, betnyşan al-arwahlar dek, onda-munda, adam tarapyndan ýüzi dyrmalan mellekleriň ortasynda gögerip oturan betgelşik külbeler gabat gelip durdy.

Awtoulag ýaňyja ýagan ýagyşdan soň, ýüzüni dürli öwüşginler

örten gara asfaltyň üsti bilen yzynda ýeňiljek şygyrdy galdyryp, myçyp barýardy. Orlan öl otuň çala ajymtyk ysy gyzan bitumyň ysyny basjak bolup biderek dyrjaşýardy. Birki öwrümden soň daglar göründi. Olar göze ilýän dünýäniň erňeginde Saýan dagynyň garlarynyň deňziň ak köpükleri deýin göteriljek ýeri bolan gözýetime tarap, geriş-geriş ýaşyl tolkun bolup çapyp barýardylar.

Göwnemakul gara ýol çalymtyl ýogyn ýylan dek towlanyp, ýalpajyk çukurlara inip-çykýardy, depeleriň daşyndan öwrüm ýasap, olary açgöz halka bolup bogýardy, goh-galmagally derýajyklaryň hanasyndan peýkam bolup atylyp geçýärdi. Iwan çagalykdan belet ýerlerine mähir bilen bakyp oturyşyna, şu ýoly gurmak işleriniň başyny özüniň başlandygy, şonda öňüne taýak atmak islän adamlaryň köp bolandygy, barybir, bu ýerde Şweýsariýanyňkydan kem bolmadyk ýoluň gurlandygy barada pikire çümdi. Ýoluň gyrasyna taşlanan eýesiz töňňäni, eňňitden dökülip goýberilen çagly ýa gerek bolsa-bolmasa, üstünden azal ýöredilen baýyrlary görende, onuň gaşlary çytylýardy.

Merkezden juda alysdaky bu etraba ony baş bellänlerine eýýäm eslije wagtam geçäýen ýaly. Ol şonda-da, häzirem ýalňyz özi başyny belent tutup, daş-töweregine abanyp oturan dag gerşi Mustagy juda küýseýärdi. Ol bu jelegaýa kim bilen bile gelýän bolaýsyn, awtoulag Mundybaşdan geçip, iň beýik gerişleriň birine dyrmaşyp başlandan, tolgunmakdan ýaňa endamy jümşüldäp, näme gepleýänini bilmän, ahyram sol tarapa elini bulap goýbererdi-de, ulili bilen:

— Honha, Mustag! — diýip gygyrardy.

Şorlularyň dilinde Mustag — buzhana diýmekdi, girdeji getirýän ýer manysynda alaňda bolsa, bu ýeri hezil edip lyža sürülýän ýerdi. Şonuň üçin bu ýerler täze ýol çekilmezden has ozal aýak ýeter ýaly ýere öwrülipdi. Nämälim bir jadysy bilen özüne çekip duran bu dag bir-birine ýat adamlary dostlara öwürýärdi, dostlaryň welin arasyna çöp oklaýardy. Bu täsin bir dagdy. Ýerli adamlar bu ýeri ata-babalarynyň ruhlarynyň mesgeni

hasaplap, mukaddes saýardylar. Dag özüni boýun egdirjeklere garaşýardy, bu bolsa ýeňil-ýelpaý iş däldi. Iwana mekdepde okaýan döwründen bäri ýüzleý meseleler, aňsat işler, ýönekeý adamlar, ownuk islegler ýaranokdy. Kynçylyga hamraklygy üçin gören görgüleriniň netijesini bolsa, onuň wagtyndan ir takyran kellesine seredip biläýmelidi…

Iwan bu gün gowy görýän dag gerşi bilen görüşmäge juda bir howlugyp baranokdy. Ol oba girmän, awtoulagyň destini daga dyrmaşyp gidýän daş düşelen ýola tarap burdy. Şu ýol bilen gitse, islemeýän kişilerine duşmajagyny, şonuň üçinem boş gürrüňleri diňlemeli bolmajagyny bilýäni üçin şeýtdi…

Daş-töwerekde tebigat heýjana gelipdi. Öň görülmedik müňlerçe mör-möjekleriň müňedekläp ýöreni haýsy, ganat bitip uçup ýöreni haýsy. Olar ömrüň özlerine beren gysga, ýöne juda şadyýan möwritiniň içindediler. Tekiz eňňitli, düýbi ýasy jarlar ýaşyl öwüsýärdi, balarylarynyň güwwüldisi ýapraklaryň pessaýja şygyrdysy bilen goşulyp, daglaryň ýeňiljek dem almasy bolup eşidilýärdi.

Iwan birwagt awtoulagy saklap, açyk gapydan tomsuň ýaşyl aýnasyny synlap otyrdy. Ol ýerde çagalygy, ejesi görünýärdi. Ejesiniň «Gaýrat et, oglum, sen mertsiň, azapsyz durmuş diňe özgäň penjiresinden jyklaýandyr» diýýän sesi hem gulagyna eşidilip giden ýaly boldy.

Sagadyna göz aýlap goýberen Iwan ýene ýoluň bir ujundan külterläp başlady. Tiz wagtdan ol ýene gara ýola çykdy-da, ýarym sagada galyp-galman Kabyrzä ýetdi. Awtoulagy balykçynyň öýünde goýup, ähli goş-golamyny şorlularyň süýnmek gaýygyna ýükledi-de, Walera Çapakow bilen goja Gurzy hem ýanyna alyp, Mrasuw bilen ýokarlygyna ýüzdi. Mundan alysda, üç günlük ýolda, köne külbede edil rowaýatlar ýaly gadymy terkidünýä bir kişi ýaşaýardy. Ýerli adamlar onuň adyny şorly ýabany diýip tutýardylar. Onuň bu ýerlerik haçan, nireden gelip düşenini, hatda gojalar hem bilenokdy.

Gaýyklar dury hem ýylyň bu döwri üçin çuň görünýän suwda zymdyrylyp barýardylar. Joşgunly derýajyga goşulyp gidýän dagyň owadanlygyny beýan edip oturmaklygyň hajaty ýokmuka diýýän. Kimde-kim eger ýekeje gezek bu gözelligi synlap, motorly gaýygyň syçradýan suwuna garylan dag howasyndan dem alyp gören bolsa, muny ömür ýadyndan çykarmasa gerek. Eger kime beýle bagt miýesser etmedik bolsa, onda geregem däl, sebäbi ol, barybir, bu ýerde ullakan hem ýalpyldawuk mahabat suratyndan başga hiç zady saýgaryp bilmez.

Uly bolmadyk, ilaty bir mydar bilen ýaşap ýören Şor atly obada gijäni geçirdiler. Bu oba döwründe owazasy töwerege ýaň salan bir begiň düşelgesi bolandy. Şu töweregiň milletiniň ady-da şonuň adyndan galandy. Obany gyşyna möjekler çapawullasa, tomsuna çybyn-çirkeýler maza berenokdy. Ýöne ilat welin bularyň ikisine-de baş galdyrmazdy, sebäbi ol zatlara ünsüni bölmäge boş wagtlary ýokdy. Agyr hem ýüregedüşgünç iş, edil ýüzlerçe ýyl mundan ozal bolşy ýaly, ýerli ilatyň ähli wagtyny alýardy. Onsoň bu ýerde juwanlyk gözelliginiň ýüzi tiz solmak bilendi.

Olar iki günden barjak ýerlerine ýetdiler. Sagyňda dag çeşmesi göni derýajygyň üstünden inýärdi. Derýajygyň kölege düşýän ýerlerini peýläp ýören semiz balyklary ürküzip, gaýyklary suwdan çykardylar. Ýolbeletler düşelgäniň düýbüni tutmaga girişdiler, Iwan bolsa içi sowgat-serpaýly torbasyny egnine atyp, aňyrlygyna gitdi. Ýol köteldi. Çala göze ilýän ýoda ilki çeşmäni erňekläp oturan dag sekirtmeklerine ýapyşyp barýan ýaly-da bolsa, soňra dim-dik gaýalara dyrmaşyp başlady. Iwan howlugýardy. Ol ýene birki sagatdan özüni alada goýýan ähli sowallaryň jogabyny eşitjegini bilýärdi.

Bu geçi ýodasyna ilkinji gezek on bäş ýyl mundan ozal onuň dabany degipdi. Etrap emeldarlarynyň biriniň ogly ýitipdi. Şähere diýip gidip, orta ýolda gürüm-jürüm bolupdy. Üç aý nepsiz gözleglerden soň, kimdir biri oglanyň kakasyna şorly ýabanynyň ýanyna baryp görmegi maslahat beripdi. Iwan şäherde şorlularyň sarpa goýýan ýeke-täk adamy bolansoň, oňa ýoldaş

bolupdy. Olar güýz çabgasyna süllümmaý ezilip, tokaýyň jümmüşindäki külbäni alkymlap baranlarynda, tümlükden duýdansyz çykan keltejik kişi şorlyň ýokdugyny, haçan boljagynam bilmeýändigini aýdyp, bularyň lapyny keç edipdi. Ýolbelet ertire çenli şu ýerde dem-dynçlaryny alyp, soň yza dolanmaklygy maslahat berdi.

Gijäni darajyk hammamda geçirdiler. Gijäniň garaňkysyna dulanyp öňlerinden çykan kişiniň öz mekdep ýoldaşy Mişa Samsonow ekendigini, Iwan ertesi gün irden bilip galypdy. Mişa awda bolan betbagtçylykdan soň maýyp bolup galypdy. Göçmedik peşeňi tüpeňiň nilinden çekip almakçy bolanda, ol yzyna zyňlyp, Mişanyň ýüzi persala bolupdy. Lukmanlar onuň entegem diri galanyna şükür edipdiler. Aýaly onuň betnyşanlygyna tap gelip bilmän, taşlap gidipdi. Ýüregine giňlik salmak üçin Mişa daglara siňipdi: gyşyna sütükli haýwanlary awlap, tomsuna bolsa dermanlyk ot-çöpleri toplardy. Ýyl geçdigiçe ýabanylaşyp, oba gelmesini seýrekledipdi, käte bir garry ejesiniň ýanyna gelip-gidäýmese, şol tarapa barýan ýoly unutdy diýen ýalydy.

Iwan oňa aşakda täze bolup-geçen zatlary gürrüň berip, şorly hakda bilýänjelerini sykyp almak isledi. Gürrüňçilikden soň kä porhana, käte bolsa keramatly kişä deňelip ýörlen adamyň daşynyň dumany, gaýta, has goýaldy.

Ol kişiniň özi diňe ertesi güni günortanlar arkasy agaç gabygyndan ýasalan gapyrjakly dolanyp geldi. Mişa onuň derman otlary ýygyp getirendigini aýdyp, garşylamak üçin çal sakgally, içiňden geçip barýan çal gözli daýaw gojanyň öňünden çykdy.

Külbä ýiten oglanyň kakasy Ignatiý Pawlowiçiň bir özi girdi. Külbäniň içinde üç sany haýwanyň: şahlak sugunyň, iki gapdalda bolsa möjek bilen äpet aýynyň kellegäbi asylgy durdy. Ol bir sagatdan yzyna çykanda ýüzi ak tamdy, göwresine ornan gorkudan ýaňa gözlerinem gyrpyldadyp bilenokdy.

Şonda olary ýyldyrym uran äpet agaja çenli ugradan şorly ýabany Iwana tiňkesini dikip birsalym durupdy-da:

– Seniň ýoluňda bäri-bärde ýaramazlyk görnenok, özgäň aladasy bilen bu ýoly torç etseňem, öz işiň düşüp welin, ýene on bäş ýyldan gelersiň – diýipdi.

Honha, tanyş depe, soň öwrüm bolar, onsoň az-kem pese düşmeli, şol ýerde-de güneý eňňitde, atyň toýnagyna kakylýan nala meňzäp asmandan sallanyp duran beýik gaýalary yklap oturan äpet kedr agaçlarynyň ortasynda, şu wagt ýaşyl ýaprakly şahalara çümen agaç külbe görünmelidi. Ýapraklaryň arasyndaky göze ilmeýän guşlar başlan aýdymlaryny iňrik garalmanka tamamlamak üçin, bir-birine gezek bermän jürküldeşýärdiler, tokaý otlarynyň ysyndan mazaly goýalan howa ýere düşelensoň, dem almak ýeňildi.

Ýyldyrym uran äpet agajyň ýanynda süňk bilen deri bolup galan Mişa ýüzüni sallap otyrdy. Çal sepen sakgaly onuň ýüzüni ýapyp durdy, diňe peşeňiň persala eden ýerinde tüýler nätekiz ösýärdi.

– Salam, ülpet – Iwan goşhaltasyny ýere taşlap, gapdalyna çökdi – näme sesiňi çykaraňok? Men size sowgatjygam alyp geldim.

– Gijä galdyň, Iwan, üç hepde gijä galdyň, Seliwan Prokopýewiç sen gelýänçäň garaşyp bilmedi…

– Zyýany ýok, men ol gelýänçä garaşaýaryn, howlugýan ýerimem ýok, ol-bi işleriňize kömekleşerin. Men iki gaýykly geldim, tagta, çüý-çekiç – enjamymyz ýeterlik…

– Şäherde hemmäňiziň gulagyňyz gapylaýypdyr öýdýän, men saňa şorly ýabany dünýäsini täzeledi diýýän… Seniň ýoluňa gözlerini dikip gitdi…

Kimdir biri demir barmaklary bilen Iwanyň bokurdagyna ýapyşan ýaly boldy. Demi-demine ýetmän, gözüniň öňünde gülgüne

halkalar gaýmalaşdy. Agyr ahmyr bilen zowwamýeli demine dartýan boşluk egnine çöküp, maýryp barýan ýalydy. Daglar, adamlar, hatda ony şu ýere getiren aladasy hem, birden ýom-ýok boldy-da, wagt, göýä, nämedir bir zadyň jemini jemleýän ýaly süýnüp, tükeniksiz bir çyzyga öwrüldi.

Garaňky düşüp, asmanda ýyldyzlar göründi. Gaýgy büken iki kişi welin, ýyldyrym uran agajyň gapdalynda, tä Aýsyz tomus gijesiniň syýareňk tümlügi üstlerine çökýänçä, gymyldaman otyrdylar.

***Rusçadan terjime eden Juma MÜLKAMAN***